# Gaçyp ýörme, gabat gelen çagymyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gaçyp ýörme, gabat gelen çagymyz GAÇYP ÝÖRME, GABAT GELEN ÇAGYMYZ…



Gaçyp ýörme, gabat gelen çagymyz
Sowuklygy dideleňden okaýan.
Seňki deý mährem däl, ýöne has ýakyn,
Dünýäniň gujagyna özüm oklaýan.
Asman deý gin dünýäm otlan oduna,
Söndürmejek bagt suwuny akyt.
Gözlerimden akan gözýaşlarymy,
Meý deý ýygnap, göwün ammarna äkit.

Arzuwlary wysal bolmadyk ykbal,
Yşkymy kowalap taýaklan ýaly.
Gaçma, duýgularym süýrenip barýar,
Bagjygy çözülen aýakgap ýaly.

Selbinýaz DURDYÝEWA.. Goşgular